# DÖWLETMÄMMET AZADYNYŇ WE MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE AHLAK TERBIÝESINIŇ ÖSDÜRILIŞI

**G.Allabaýew,**
*Berdak adyndaky Garagalpak döwlet uniwersiteti*

***Annotatsiya.*** *Ushbu maqolada buyuk shoir Davlatmamed Ozodiy va Maxtumquli Firog'iy ijodida axloqiy tarbiyani rivojlantirishda g'oyalar birligi masalalari tahlil qilinadi.*
***Kalit so'zlar:*** *nasihat, didaktika, she'r, mazmun*

***Аннотация.*** *В данной статье анализируются вопросы единства идей в развитии нравственного воспитания в произведениях великого поэта Довелетмаммета Азади и Махтумкули Пирагия.*
***Ключевые слова:*** *наставление, дидактика, поэзия, содержание*

***Annotation.*** *This article analyzes the issues of unity of ideas in the development of moral education in the works of the great poet Doveletmammet Azadi and Magtymguly Pyragy.*
***Key words:*** *admonition, didactic, poetry, content*

Jemgyýetçilik ýagdaý adamlaryň häsiýetlerini kesgitleýär. Adamyň häsiýetiniň oňaýly we oňaýsyz bolmagy hem durmuşyň täsirine bagly, çünki adam dogabitdi ýaman ýa-da oňat bolmaýar. Daşky sreda bilen häsiýet mydama gatnaşykda bolýar. Ikisi biri-birini taşlap gitmeýär. Ýagdaýyň üýtgemegi adamyň düşünjesiniň üýtgemegine getirýär. Şeýlelikde, şahyr adam häsiýetlerini öwrenmegi maksat edinýär. "Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hemmesini özünde birleşdirýän" adam durmuşdaky ähli zatlar bilen iş salyşýar. Onuň häsiýeti, düşünjesi durmuşyň hemmetaraplaýyn aragatnaşygynda ýüze çykýar. Ynsanyň adamkärçilikli taraplary onuň oňat ahlak-terbiýäni alandygyny görkezýär. Halkyň ykbalyna gyzyklanan şahyrda gumanizmiň asylly nusgalary bolmaly. Şeýle adam ynsanýetiň ajaýyp gylyk-häsiýetlerini özünde jemlemeli we olary köpçülige ýaýratmaly. Ine, şu nukdaýnazardan, şu pikir Azadynyň döredijilik derýasynyň bir goly bolup, aýrylýar. Ol özbaşyna bir giden – pedagogiki akymy emele getirýär. Emma halka tälim-terbiýe berjek adamyň ilki özi adamkärçilik babatdan tanalmaly. Halk arasynda sylaga, abraýa mynasyp bolmaly.

Halky göreldeli terbiýe almaga çagyryp, "Wagzy-Azadyň" birnäçe sahypa-laryny bu meselä bagyşlap Döwletmämmet ýokary mesnewini özüniň hemrasy hasaplapdyr. Hadysalara paýhasly garamak, durmuşyň çylşyrymly meselelerini akylly çözmek ýaly işleri ömür boýy görüp gelen bu adamyň görnükli pedagog hökmünde çykyş etmäge haky bar. Çünki ol Magtymguly deýin kämil ynsan, şahyry ösdürip ýetişdirdi

**Ahlak-**jemgyýetde özüňi alyp baryş normasy, ony pozany wyždan näletleýär. Jemgyýetde özüňi alyp barmagy başarmasaň, seni aňly, düşünjeli adam diýip tanamaýarlar. Şonuň üçin Azady birek-birege dostlukly gatnaşmagy, kalby päklemegi adamzadyň içki dünýäsiniň gözelligi hasaplap ýazýar:

“Jümle-mahlukga açyk tutgul ýüzüň,
Gör tiliňden gelse, tiýgil hoş sözüň”

**“Adamyň güler ýüzi bolsun”** diýip, halkymyzyň nakyly bar. Çünki hytaýlylarda aýdylyşy ýaly, “Ýagşy söz üdrden gymmatdyr”.

“Gör ýaman bolursa söz, ýumgul dodak,
Ýagşy söz bolsa, diýseň ony ýagşyrak”

Öz zamanynynyň mugt eklençden gözi gyzaryp, zulumkärlik edýän dikmelerini hem Azady adalata çagyrypdyr. Şahyr adamyň göwnüne degilmezligi, onuň pes tutulmazlygyny ündeýär:

“Bu köňülniň pişesi her kim deger,
Durmaý anyň üstige lagnat ýagar.
Pişe synganym bitirmek bolmagaý
Herne jäht etseň, ýerige gelmegeý”

Döwletmämmet öz pikirini dini delillendirmeler arkaly halkyň aňyna ýetirmek isleýär.

Bu ýerde, bir tarapdan, ol il-güni terbiýe ýoluna çekmek islese, ikinji tarapdan onuň adam barada öz hususy pikiri ýüze çykýar. Çünki Azady adamy diniň mykaddes zadyndan belent tutýar. Sebäbi, Käbe adamyň ýanynda hiç zat. Ol diňe adamyň hyzmatyndaky dini öý:

“Kalba weýran etmeden müň mertebe,
Bir köňül ýykmak ýamandyr, eý dede.”

“Bu köňlüň şişesin her kim döger,
Durmaý anyň üstüge lagnat ýagar”

“Her kişi kim ähli şerg görse rowa,
Tut any kim bilmegin renji ana”

Ýokarky mesnewide Döwletmämmet, bir kişi adamkärçilige gelişmejek işi edäýse, onuň jylawyndan tut diýýär.

Ýaş çaganyň duýgusyny ene-atasyndan başga hiç kim terbiýelemeýär. Çaga ilki ene-ata minnetdar bolmaly. Azadynyň parasatly pedagogydygy şu ýerde duşýar. Ol zürýadyň

öňünde ene-atany terbiýelemegiň kyrk şertini goýýar. Olary on-ondan dört bölege bölüp, her bölümiň nämeler arkaly ýerine ýetirilmelidigini ýazýar:

1.On sanysy ten bilen, ýagny fiziki zähmet arkaly ýerine ýetirilmeli iş , hyzmat:

“Tiňle imdi, tendäki aky anyň,
Biri hyzmat, biri hormatdur, biliň.
Birisi fermanyny tutmakdyr ol,
Biri nähýinden ýyrak bolmakdyr ol.

Biri razy bolmasa, kylma safar,
Her tarapdan gelse, biri karşy bar.
Bol şärik, ýedinji, gör, gitse ýola,
Çagyrursa, sekizinji tiz gele,
Tokuzynjy, onunjy mohmatyn anyň,
Kylmaýyn tä haýry-taksyr bit görüň”

2.On sanysy dil bilen ýagny edep-terbiýe arkaly berjaý edilmeli borçlar:

“Bir owazyndan öz owazyny,
Bar belent kylmaý götergil näzini,
Birisi köstahy bar söz tiýmegil,
Birisi adyn tutup çagyrmagyl....

Ýüzüne kaşy onuň tükürmeýe,
Gülmek ile ýanynda fyrkyrmyýa...”

3. On sanysy köňül wyždan, ahlak arkaly edilmeli hyzmatlar: Mähribanlyk, şatlyk we gynanç bildirmeklik.

4. On sanysy mal bilen, ýagny garrylary zähmetiň bilen eklemeklik:

“Biri budur –ol atanyň örtüsin,
Ýagşy etgeý özüniň örtüsinden,
Hem tagamyny tagamyndan ýene,
Ýagşyrak etgeý muny, diňlese”

Döwletmämmet şular ýaly asylly tälim-terbiýäni, ilki bilen, öz çagalaryna begendir diýip aýtmak mümkin çünki ol aladaly ata Magtymguly deýin “Rahmet arygyny akdyran ogly” ösdürdi, “Wagzy-Azadyny” okap onuň häzir hem epigramma edinäýmeli setirlerine täsin galýarys.

Sözümni diňlese bir bilen belki,
Myradym nesihat etmekdir halka

Magtymguly

Azadydan tälim alan ogul Magtymguly öňürti özüni terbiýeleýär. Azadynyň aýdyşy ýaly, ol hem:

Owwal özüň yhlasyňny düzlegil,
Her köşk eden nyýaz okun gizlegil,
Bildigiňçe mygam dogry gizlegil,
Ýagşy söz tapmasaň otur sem bolup.

- diýýär.

Magtymguly ahlak terbiýäniň köp taraplaryndan söz açypdyr. Magtymgulynyň eserlerinde, ozaly bilen ene-atany hormatlamagyň birnäçe öwütlerini görýäris. Emma şahyr şu meselede Azady ýaly köp durman, diňe, örän az manyly setirler bilen kanagatlanýar.

“Ynjytsa ogul-gyz ene-atasyn,
Toba kylmaý taňrym geçmez hatasyn”

Dogmadyk oguldan dogan är ýagşy
Nadan ogul atasyna seretmez”

Şahyr üç beýtde perzendiň oňaýly hem oňaýsyz taraplaryny ene-ata edýän gatnaşygy arkaly ýüze çykarmak isleýär. Emma bu meselede doly hem açyk ýazan Azadynyň artykmaçlygy köp. Muňa garamazdan, zehinli şägirt özüne has bolan gysga hem çuň manyly, Magtymguly setirleri deýin sypatlandyrmaly setirlerinde giň mazmun beýan edipdir.

XVIII asyr türkmen edebiýatynyň ösüş ýolunda Döwletmämmet Azadynyň we Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň nähili orun tutýandygyny, haýsy edebi akymlardan gelip çykýandygy birbada aýdyň ýaly bolup görünse-de, bu iki şahyryň ata we ogul bolandygyna seretmezden , olaryň döredijilik ugurlarynyň düýpgöter tapawutlanýandygy mese-mälim göze ilýär. Munuň beýle bolmagy diňe bir olaryň eserleriniň dili bilen baglanyşykly bolman, eýsem olar öz eserlerinde meseleleri goýuşlary babatynda-da tapawutlandyrlar.

Döwletmämmet molla uly sopy alym, şahyr we filosof. Ol öz eserlerini mekdep-medreselerde okatmak üçin ýazylan kitaby dilde döredipdir. Onuň “Wagzy-Azat”, “Behiştnama” ýaly eserleri munuň aýdyň nusgasydyr. Şahyra Ýusup Balasagunlynyň “Kudatgu – bilik” eseriniň , Orta asyryň beýik söz ussatlary Ferideddin Attaryň , Saadynyň , Nowaýynyň , Husaýyn Wagyf Käşifiniň eserleriniň stil täsiri ýeten bolsa gerek. Şeýle hem oňa Hoja Ahmet Ýasawynyň , Hoja Bahaweddiniň (Nagyşbendi), Hajy

Bekdaşynyň sopuçylyk ideýlaraý ýat bolmandyr. Şol sebäpli-de, alym – şahyr öz eserlerini döwrüniň sowatly adamlary üçin niýetläp ýazypdyr. Üstesine-de, mekdep-medreselerde çaga okadyp, olara sowat öwretmek üçin türki dilde şeýle kitaplar zerur bolupdyr. Ýöne bu kitaplarda adamkärçilik, ynsaplylyk, adyllyk, daýhançylyk, alymlyk barada birnäçe oňat ideýalaryň öňe sürülýändigine garamazdan, olar zähmetkeş halka ýetmän galypdyr.

Şeýle oňat pikirleri , ajaýyp ideýalary, ynsanperwerlik hakdaky rowaýatlary, tymsallary, hekaýalary, hikmetleri halkla ýetirmek, ile ýaýmak üçin başga ýol, edebi usul gözlemeli bolupdyr. Biziň pikirimizçe, şu zerurlyga Magtymguly tiz akyl ýetiripdir. Öz halkynyň agyr güzerany, sosial-syýasy ýagdaýy, uruş-talaň zerarly, at üstünde mydar edýän ahwaly, Magtymgula başga ýoly salgy beripdir. Megerem, ol şonuň üçin kitaby stilden ýüz dönderip, şygryýetiň goşuk formasyny saýlap alypdyr. Elbetde , Magtymgulyda gazal, muhammes, müseddes ýaly Gündogar poeziýasynyň başga formalary-da gabat gelýär. Ýöne goşuk formasy, dörtleme, murapbag agdyklyk edýär. Bu forma goşgyny saza salyp, aýdym edip aýtmaga-da iň gaýym formadyr.

Şu nukdaýnazardan ugur alan Magtymguly:

Magtymguly, sözlerim,
Saza goşsaň, uz bolar –

diýip ýazypdyr.

Şu zerurlyga çuň düşünýänçä, Magtymguly hem kitaby stilde güýç synap görendir diýip, çaklamak mümkin. “Bäş ýylda bir kitap eden işimiz” diýýäni özünden öňkülere öýkünip ýazylan ahlak-didaktiki traktat bolsa gerek. Eger ol diňe goşgulardan ybarat bolan bolsa, onda şahyr “kitap” diýmän, “diwan” diýerdi. Megerem şol kitabyny “gylyzbaşlar alyp, weýran eýländen” soň, oý-pikirleriňi, taglymatyňy, duýgularyňy, ideýalaryňy bir kitaba salsaň, onda-da şunuň ýaly bir waka duçar bolsaň, ähli azabyň reýgan bolup, eserleriň geljekki nesillere galman, ýitip gitjek ekeni diýen pikir Magtymgulyda hökman dörän bolmaly. Ine şonuň üçin hem ol goşgularyny halka düşnükli dilde ýazyp, oňaýly formada ile ýetirmeli diýen netijä gelendir. Magtymguly ýaly weli adamyň öňdengörüjiligi hem şundan ybaratdyr. Ine şu ýeke-täk dogry usuly saýlap alany üçin onuň eserleri (dogry, talant esasy zat) dünýäniň ähli topalaňyndan geçip, heňňamyň içi bilen agyzdan-agza, dilden-dile, sazdan-saza geçip onuň mirasdüşeri bolan bize gelip ýetendir.

Elbetde, Magtymgulynyň Azadynyň pikirlerini gaýtalaýan pursatlary hem bar. Döwletmämmet Azady namaz okap, Hudaýa tagat kylmagy musulmanlara şeýle pent edýär:

Eý, musulman, ýakma diniň kyl namaz,

Ýa-da:

Bir haýyrly tagatyňdyr,
Bäş namazyň goýmagyl.
Iki älemiň rahatyňdyr,
Bäş namazyň goýmagyl.

Indi Magtymgula gulak asalyň:

Bäş wagtyň berjaý kyl musulman bolsaň,
Ýöri Muhammediň ýoly biläni.

Azadynyň döredijiliginde säher turup, gözýaş döküp, derwüşlerçe ýyglamak, Hudaýa arza etmek pikiri öňe sürülýär. Sufizmiň bu ýörelgesini Azady şeýle beýan edýär:

Ýyglagyl şamu-säherler beççewar,
Ýyglasa gul, Rähmetniň bahry joşar.

Ýa-da:

Soňra diýrmiz kim, göneldi bu kişi,
Bolmasa Hak zikriden özge işi.

Indi Magtymgula ser salyp göreliň:

Tur säher , ýat et Hudany,
Ýygla tenhalyk biläni.

ýa-da:

Tur säher, Hudaýa ýalbar,
Yslam işiň abat galsyn.

Ýene-de:

Magtymguly , Alla adyn zikr eýle.

Görüşimiz ýaly, atasynyň pikirlerini Magtymguly hem özüçe gaýtalaýar. Eýsem-de bolsa, bu pikirler umuman, musulmançylyga degişli ýörelgeler.

Ine Magtymgulynyň Azadynyň pikirlerini, ideýalaryny özüçe ösdürişine mysal.

Azady:

Ýollara köpri salanlara ýene
Gije-gündizler rahmetler ýaga.

Magtymguly:

Bijaý ýerde gurlan bozuk köprüden,
Jähennem içinde syrat ýagşydyr.

Üns beriň! Magtymguly ýokarky pikiri Azadynyňky ýaly gönümel öwüt-nesihat hökmünde aýdanok. Ol pikiri obrazlaşdyrýar. “Jähennem içinde syrat ýagşydyr”. Ine, bu

bolsa eýýäm poeziýanyň dilidir. Arap-pars dillerini oňat özleşdiren Azady mukaddes Gurhandaky, Hadysdaky rowaýatlary türki dile geçirip, özüçe beýan etmekde köp işleri bitiripdir. Öz halkyna terbiýe-tälim bermek üçin ol arap-pars dilli edebiýatdan susup alyp türkiçe teswir edipdir.

Azady ähli ösümlikleriň, janly-jandarlaryň Allanyň adyny gaýtalap, hamdy-sena okaýandygy hakda şeýle diýýär:

Işbu nygmatlar aýur zikri-sena,
Çagyrur zar ile daýym rebbena.

Hüw bilen suwlar owazy çykdy, gör,
Bolmaý aram, gije-gündüz akdy, gör!

Ýer ýüzünde her ne şeý kim jany bar,
Her birisi eýleýur her dürli zar.

Döwletmämmet Azady bu setirlerinde diňe olaryň zikri-sena aýdýandygyny belläp geçse, Magtymguly atasynyň bu pikirini “Jan içinde” diýen goşgusynda ösdürip, otlaryň, janly-jandarlaryň aýdýan senalaryny adam diline, düşnükli dile geçirýär.:

Ýerden çykan nebatlar,
Gyzyl güller, gök otlar –
Gapyl adam, bu zatlar,
Külli perman içinde –

diýip, hemme zadyň Allanyň emri-permany bilen zybana gelýändigini aýdýar-da, dowam edýär:

Ýaýylar ganat-perler,
Hup açylar depderler.
Bölek-bölek kepderler,
“Hüw” diýr, harman içinde.

Ýarganat diýr: “Ýa, Möwla,
Saldyň meni bu ýolga!”

Ine, şu mysallar Magtymgulynyň öz atasynyň eserlerindäki pikirleri döredijilikli ösdürendiginden habar berýär.

Azady öz pikirlerini, rowaýatlary beýan edende mesnewi formasyny ulanýar. Magtymgulyda hem iri sýužetli goşgular we rowaýatlar duş gelýär (“Atly ýaranlar”, “Jela eýledi”, “Arap tilli söwdügim”, “Kepderi” we.ş.m). Ýöne bu hili goşgularynda-da

murapbagy-dörtlemäni saýlap alýar. Ýene-de bir bellemeli tarapy – Magtymguly rowaýatlara, tymsallara ýüzlenende, ony başdan-aýak beýan etmän, gerek ýerinde öz pikrini subut etmek üçin, ideýany dogry düşündirmek üçin ýüzugra ýatlap geçýär.

Meselem:

Süleýman deý ähtimni
Syndyrdygym bilmezmiň?

Bular bolsa Magtymgulynyň okan we bilen zatlarynyň ummansyz köpdügini subut edýär.

Umuman aýdanymyzda, Döwletmämmet Azady we onuň ogly Magtymgulynyň eserlerinde ideýa birliginiň bardygyny görmek bolýar.

**Peýdalanylan edebiýatlar:**

1. Magtymguly. Şygyrlar. Aşgabat, 1992.
2. Döwletmämmet Azady. Wagzy-azat. Aşgabat, 2013